# Sežde

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Sežde SEŽDE

Ne beýle ir oýanypsyň, eje jan,
Üşän gyşyň gagşap barýar eňegi.
Dil bilen däl, köňül bilen pyşyrdap,
Edýärsiň Hudaýdan ýagşy dilegi.

Üşäňokmy?
Gijäň gerşinde gyraw,
Aýaz penjeläpdir gyş ümsümligin.
Eginlerin sallar otyr baglarmyz,
Agramyndan ýaňa sowuk tümlügiň.

Bagtly ýaşamaga haklydyr juda,
Seždeden soň özün bagtly saýan.
Köňül pyşyrdyňy men eşdip durun,
Eşidýän dälmidir eýsem, Hudaýam?!

Hudaýberdi SÖHBETOW. Goşgular